# Güne ýüzlenmek

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Güne ýüzlenmek GÜNE ÝÜZLENMEK

Gün näme üçin gyzýaň 45°-den ýokary,
Ýanyp durka ýürek diýen bedenim.
Endamy garalyp,
teni nemledip,
Bolýarmy ýa tomus gelse edeniň.

Içimi gyzdyrýar söýgiň tomusy,
Ýürek elewreýär, çydanok asla.
Nämüçin, nämüçin…? Düşnüp bilemok,
Kalba garşy durup, gulagam asman.

…Ýanymy saklaýar ajaýyp zenan,
Bir ýassygy bölüşemzok, deň ýatýas.
Ömür tomsy döräp, gyzgyn mähirden,
Iki düşegi bir düşek deý deň ýazýas.

Gyzyber hakyň bar ýaşmadyk wagtyň,
Berme ýöne söýgi deý, çäksiz gyzgynlyk.
Gursagyma salyp, ýürek organy,
Damarlaryma berme giden gözigynlyk.

Gün neçüýn 45°-den ýokary geçýäň,
Ýa meniň söýgümden gyzgyn çoglumyň?
…Ýaryma elten röwşen ýolumda
Gün simwolum bo:r öçmez odumyň.

AHALLY Goşgular